# Guramaçylykly haosyñ pygyllary!

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Guramaçylykly haosyñ pygyllary! GURAMAÇYLYKLY HAOSYÑ PYGYLLARY!

Esaslandyryjylarynyñ arasynda Jorj Soros, Morton Abramowiç, Stiwen Solarş dagylaryñ bolan Halkara Krizis topary atly «düşünje» guramasy ýigrimi bäş ýyldan bärki ilkinji gezek ABŞ-da bolup geçýän haos, ýagny, galagoply wakalar boýunça beýannama bilen çykyş etdi.
Beýannama umuman alanda, «Geçen çärýek asyr boýunça Krizis topary dünýäde bolup geçen gapma-garşylyklary we krisizleri analiz etmek bilen bütin bu bolup geçýän ähli wakalaryñ dowamynda «näme etmeli we näme etmeli däl» diýen meseleler boýunça möhüm tejribeleri edindi. Gynansak-da, Waşingtondaky häzirki liderlik «etmeli däller» sanawyny aşdy. Tramp häkimiýeti ABŞ-nyñ öz raýatlary bilen ýaragly çaknyşyga girendigi ýa-da käbir syýasy fraksiýalaryñ duşman yglan edilendigi baradaky pikirler oýarýan çykyşlaryndan el çekmeli, günäkärleriñ adalatyñ öñünde kellesini ýalañaçlap jogap bermegini gazanmaly, reformalara çagyrýan ýerli ýolbaşçylary we jemgyýetçilik liderlerini goldamaly, gelejekdäki şuña meñzeş gapma-garşylyklaryndan daşda durmak isleýän bolsa, polisiýanyñ wagşylygy we militarizasiýasy bilen birlikde jynsparazçylygyñ-da soñuna sogan ekmek üçin ädimler ätmeli» diýen sözleri sarp etdi.




* * *

ABŞ-da ýüze çykan galagoply wakalar bütin dünýäni täsiri astyna aljak netijeleri döretjekdigi gümansyzdyr. Şol nukdaýnazardan ýüz kyrk şäherde bir wagtyň özünde başlan we diňe şu tarapy bilenem diýseň düýpli guramaçylykly ýörite gurnalan işdigi görnüp duran wakalaryň aňyrsyndaky güýjüň düýp maksadyny seljermek gerek.

Beýannamanyň mazmunyndan wakalary gurnaýan «Antifa» terrorçylykly toparyna arka çykylýandygy barada netijä geldim. Edil Idlibdäki «HTŞ» terrorçylykly topara arla duruşlary ýaly…

«Waşingtondaky häzirki liderlik» sözleri bolsa diýseň oýlandyrýan jümlefir. Hawa, saýlawlar golaýlaşdy, emma bu söz Waşintondaky liderligiň az wagtyň içinde çalyşjakdygyna yşarat edip ulanylypdyr…

Dünýädäki mämişi rewolýusiýalaryň we «Arap bahary» operasiýasynyň arkasynda ABŞ-nyň eliniň bardygyny bilmeýän 6ok. Emma bular ýaly synanyşmalary Sorosyň «Açyk Jemgyýetçilik institutynyň» maliýeleşdirýändigini we Ýugoslawiýany dargatmakda ulanylan «Otpor» terrorçylykly guramasynyň bu ýurtlarda klonlanandygynam indi bilmeýän ýok bolsa gerek.
Eýse Soros we onuň toparlary ABŞ-nyň Prezidentiniňem eýgerip bilmeýän güýjüne wekilçilik edýärlermikä? Ýogsam bolmasa amerikan «gizlin döwletiniň» (глубинная государства) jemgyýete mälim ýüzlerinden biri bolan Krizis topary Trampyň «terrorçylykly gurama» diýýän «Antifa» toparyna arka çykmazdy, şol sanda Prezidentiň çalyşjakdygyny eýýämden aýdyp başlan bolsa, onda ABŞ-nyň Prezidentine garşy guramaçylykly haos bolup geçýändigini aňladýar.
Bu – birinji maksat… Täze dünýä düzgünine geçmegi müwessa bilen sermaýa gatlaklary bilen içgin gatnaşykdaky amerikan «gizlin döwleti» operasiýasyny ABŞ-nyň özünden başlady… Bu bolsa Nežat Esleniň wakalara «Amerikan bahary» diýip baha bermeginiň dogrudygyny güwä geçýär.




* * *

«Anadolu Ajansı» habarlar agentligi «Antifa» hereketi bilen baglanşykly bir habary orta çykardy. Habarda Türkiýäniñ Polisiýa akademiýasynyñ 2019-njy ýylyñ 18-20-nji iýunynda Izmirde geçirilen «Kese ýerli terrorçy urşujylar – gaýdyp gelenler» atly halkara konferensiýada «Antifa» boýunça ätiýaçly bolunmagyny ýatladandygy aýdylýar.

Mesele boýunça Polisiýa akademiýasynyñ beýannamasynda PKK-ÝPG-nyñ (kürt terrorçy guramalary) «Halkara azatlyk batalýony» ady toplanan lagerde kese ýerli urşujylaryñ taýýarlanýandygy, bu toparlanmany Günbatarly antifaşist we anarhist guramalaryñ dürli ýollar arkaly goldaýandygy aýdylypdyr…

Şeýle-de «Anarhist göreş» atly başga bir topar has emeli ýagdaýda döredilen sferalaýyn derejede anarhist baş-başdaklygy

körüklemek maksady bolan toparyň sosial mediýadaky goldawçylarynyň Günbatar ýurtlaryndaky potansial terrorçy talaşgärlerinden ybaratdygy nygtalýar!
Yrakda we Siriýada ulanylan bular ýaly toparlar şindi amerikan «gizlin döwleti» tarapyndan ABŞ-nyň öz içinde meýdana sürülene meňzeýär, ýogsam bolmasa Tramp wakalara «söweş» diýip baha bermezdi we goşuny köçä çykarmazdy. Soňky netijäni goşun kesgitlär!




* * *

Türkiýede bolsa islendik goranyşa garşy ýaragly toparlaryñ

taýýarlandygy barada oppozision partiýalaryň berýän maglumatlary bar!
Polisiýa akademiýasy bu boýunça-da beýannama taýýarlap biljekmikä beri?
Mundan daşgaryn täze giriziljek «bekçilik sistemasyna» ýene oppozosion partiýalaryň «täze režimiň goragçylary» diýip baha berilýär. Emma, häkimiýetiň «aldap-ogşap etjegimi ederin» hasaby tutmanam biler…

Arslan BULUT,
arslanbulut@yenicaggazetesi.com.tr

05.06.2020 ý, «Yeniçağ» gazeti.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniň talyby. Publisistika